Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 55 (138) 2025-nji ýylyň 20-nji sentýabry



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**12-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet serhet gullugynyň Sarahs serhet birikmesiniň täze binalar toplumynyň açylyş dabarasyna gatnaşdy.

***

**13-nji sentýabrda** Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXVI maslahaty geçirildi.

***

**14 — 15-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow Dohada, Katar Döwleti, Arap döwletleriniň Ligasynyň hem-de Yslam hyzmatdaşlyk guramasynyň Daşary işler ministrleriniň nobatdan daşary maslahatyna we adatdan daşary arap-yslam sammitine gatnaşmak üçin sapar bilen boldy.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Katarda bolup geçen wakalar bilen baglylykda resmi garaýşyny beýan edip, halkara meselelerini çözmekde güýji ulanmagyň kabul ederliksizdigini, onuň BMG-niň Tertipnamasynyň hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine ters gelýändigini nygtady.

***

**15-nji sentýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Bahreýn Patyşalygynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Bassam Ahmed Ali Marzukdan ynanç hatyny kabul etdi.

***

**16-njy sentýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Meksikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti hanym Klaudiýa Şeýnbauma Meksikanyň Birleşen Ştatlarynyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli mähirli gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny iberdi.

***

### Syýasy habarlar

**17-nji sentýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Rustam Minnihanowa saýlawlarda ýeňiş gazanyp, Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany wezipesine gaýtadan saýlanylmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny iberdi.

***

**17-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Daşary işler ministri Raşid Meredow «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd» kompaniýasynyň Ýerine ýetiriji wise-prezidenti Ço Syng-Il bilen duşuşdy.

***

**18-nji sentýabrda** paýtagtymyzda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi öz işine başlady. Milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösüşini, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän giň möçberli syýasy-jemgyýetçilik, medeni-ynsanperwer özgertmeleri şöhlelendirýän bu forum her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilýär.

***

**19-njy sentýabrda** paýtagtymyzdaky «Maslahat köşgünde» Türkmenistanyň Halk maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### «TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ ÇÖZGÜTLERI: ÝAŞLAR SYÝASATY» ATLY MASLAHAT GEÇIRILDI

2025-nji ýylyň 12-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň çözgütleri: Ýaşlar syýasaty» atly maslahat geçirildi. Bu maslahata institutyň mugallymlary we talyp ýaşlary işjeň gatnaşdylar.



Maslahatyň dowamynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymlary Mähriban Garaýewa, Muhammet Süleýmanow hem-de Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy Selbi Gandymowa Türkmenistanda ýaşlar syýasatynyň ähmiýeti barada örän täsirli çykyş etdiler.

### ПОДВЕДЕНЫ ИТОГИ КОНКУРСОВ

12 сентября 2025 года в конференц-зале Центра свободного творчества Ашхабада состоялось торжественное собрание, посвящённое итогам творческих конкурсов, объявленных газетой «Türkmen dünýäsi» совместно с Гуманитарной ассоциацией туркмен мира «Hoşniýetli dost ili — biziň eziz ilimiz», а также конкурса «Bitewidir asman-Ýer, bitewi ykbalymyz», организованного газетой «Türkmen dünýäsi» совместно с Обществом охраны природы Туркменистана.

Мероприятие собрало сотрудников редакций газет и журналов, специалистов Общества охраны природы Туркменистана, членов Гуманитарной ассоциации туркмен мира, а также студентов факультета международной журналистики Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

В ходе мероприятия победителям совместно объявленных творческих конкурсов были вручены дипломы, почётные грамоты и подарки.

### A CONFERENCE TITLED "THE HALK MASLAKHATY OF TURKMENISTAN AND LEGISLATIVE-LEGAL SYSTEMS" WAS HELD

On September 10, 2025, a conference titled "The Halk Maslahaty of Turkmenistan and Legislative-Legal Systems" was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. Teachers and students of the institute actively participated in it.Durli Ballyeva, senior lecturer of the Department of International Law and Comparative Law Studies, and Aygozel Bayramova, lecturer of the Department of International Relations and Diplomacy made detailed presentations at the conference. As highlighted in the speeches of the participants, the Halk Maslahaty of Turkmenistan is the highest representative body of people's power in the country, and the decisions and resolutions adopted there affect every individual, inspiring and uplifting their spirit.



**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Halk maslahaty — demokratik jemgyýetiň binýady

## Demokratiýanyň dabaralanýan ýurdunda

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň saýasynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan döwletimiziň ähli ulgamlarynda ägirt uly özgertmeler amal edilýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly uly üstünliklere beslenip, olaryň binýadynda halkymyzyň jebisligi, zähmetsöýerligi, maksada okgunlylygy durandyr. Gysga döwürde gazanylan syýasy, ykdysady ösüşler, medeni-durmuş özgertmeleri raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini düýpli ýokarlandyrdy, gurýan we özgerýän döwletimiziň güýç-kuwwatyny artdyryp, berkararlygyny pugtalandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, döwlet durmuşyna degişli möhüm meseleleri Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda, 19-njy sentýabrda paýtagtymyzdaky «Maslahat köşgünde» geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu ýokary syýasy ähmiýetli wakanyň gün tertibine ýurdumyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipeleri girizildi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty nobatdaky mejlisiniň esasy maksady gazanylan netijelere syn



bermekden, uzak möhletleýin wezipeleri kesgitlemekden we özygtyýarly döwletiň gazananlaryny berkitmekden ybarat boldy.

Häzirki döwürde Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýän halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolmak bilen, döwürleriň aýrylmaz baglanyşygyny hem-de nesilleriň dowamatlylygyny, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň gadymdan gelýän demokratik ýörelgelere, saýlap alan döredijilikli ýoluna ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

Bu döwletli maslahata türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň talyplary hökmünde gatnaşmak bagty bize hem miýesser etdi. Milli demokratiýanyň kämil nusgasyna öwrülen bu umumymilli forumyň ýokary guramaçylykly geçirilmegi üçin ähli mümkinçilikleri döreden türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Dawut GEZEROW,**
**Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby.**

# DÖWLETLI ÝÖRELGELERIŇ DOWAMY

## Bagtyýar talyplaryň ýürek buýsanjy

*«Gardaşdyr tireler, amandyr iller,*
*Owal-ahyr birdir biziň ganymyz»*
*Türkmenistanyň Döwlet senasyndan*



Ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine eýerip, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 13-nji sentýabrynda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm waka bolan Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň nobatdaky XXVI maslahaty geçirildi. Bu taryhy wakanyň halkymyzyň baş baýramynyň — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda geçirilmegi bolsa türkmen halkynyň şatlygyny goşalandyrdy. Bu döwletli maslahat Garaşsyzlyk bilen rowaçlanan milli demokratiýanyň döwrebap ülňüsidir.

Hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşyjylara iberen Gutlagynda: «Milli Liderimiziň umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryny, döredijilikli syýasatymyzy, müňýyllyklardan gözbaş alýan parahatçylyk söýüjilik, dostluk, Bitaraplyk, ynsanperwerlik ýörelgelerimizi Ýer ýüzünde dabaralandyrmak, eziz Watanymyzyň köpugurly ösüşlerine goşant goşmak, doganlyk gatnaşyklary ösdürmek babatda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň we bu guramanyň watansöýüjiligi baýdak edinen agzalarynyň alyp barýan işleri bizi örän guwandyrýar» diýlip bellenilýär. Mukaddes Garaşszylygymyzyň şanly 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda ähli türkmen halkymyzyň, daşary ýurtlarda ýaşaýan gardaşlarymyzyň bir supranyň başyna jemlenmegi dana pederlerimiziň arzuwlarynyň wysala gowuşandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Halkymyzyň we döwletimiziň durmuşynda örän ähmiýetli waka bolan maslahatyň gün tertibi halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipelerini özünde jemledi.

Taryhy maslahatda Watanymyzy ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly alyp barýan we häzirki döwürde ata-babalarymyzyň asylly däplerini dowam etdirmek babatda giň gerimli işleri amala aşyrýan döwlet Baştutanymyza maslahata gatnaşyjylaryň adyndan çäksiz alkyş sözleri aýadyldy.

**Aýşirin DÖWLETOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.

### ÝATDAN ÇYKMAJAK PURSAT

Golaýda paýtagtymyzdaky Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXVI maslahaty geçirildi.

Maslahatyň işine daşary döwletleriň birnäçesinde kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden gelen wekiliýet toparlary gatnaşdylar. Maslahatyň öňüsyrasynda oňa gatnaşyjylar Jemgyýetçilik guramalarynyň merkeziniň eýwanynda ýaýbaňlandyrylan şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň sergisini synladylar.

Maslahatda edilen çykyşlarda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň uzak geljegi nazarlaýan tutumly işleriniň barha rowaçlanýandygy, Watanymyzyň dünýäniň dürli ýurtlaryna iberýän ynsanperwer ýardamlarynyň, şol sanda ýakynda Owganystanda bolup geçen ýer titreme zerarly heläkçilik çeken owgan halkyna, ilkinji nobatda, çagalara niýetlenen önümleriň we harytlaryň ugradylmagynyň döwletimiziň parahatçylyk söýüjilik, birek-birege hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine ygrarlydygynyň aýdyň nyşanydygy bellenilildi.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda guralan bu taryhy maslahata geljekki halkaraçy hünärmenler bolan türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň bagtyýar talyp ýaşlarynyň gatnaşmagy has hem ähmiýetli boldy. Bu ýerde edilen buýsançly çykyşlar biz talyp ýaşlar üçin ýatdan çykmajak pursatlara öwrüldi. Bize şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzy, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, bütin türkmen halkyny Garaşsyzlyk toýumyzyň 34 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwlet ähmiýetli işleri rowaç bolsun!

**Aýnur HUDAÝBERGENOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.

On September 16, the delegation of Turkmenistan took part in the second Ministerial Economic and Energy Dialogue in the format of “Central Asia + Japan”.

# ИЗ ИСТОРИИ ТУРКМЕНО-ИНДИЙСКИХ ОТНОШЕНИЙ

**(Начало в прошлом номере).**

В Туркменистане уделялось большое внимание пропаганде музыкального искусства Индии, переда-чи о музыкальной культуре индийского народа, его музыка часто транслировались по республиканскому радио и телевидению. Произведения композиторов Индии, ее народные песни и танцы вошли в репертуар профессиональных и самодеятельных коллективов Туркменистана.

Композиторы Туркменистана также создавали оригинальные произведения об Индии. Так, например, в 1972 г. композитор Р. Аллаяров написал ораторию на слова индийского гуманиста Р.Тагора, посвященную антиколониальному движению народов Востока. В I985 г. Ч. Нурымов создал квартет "Памяти Индиры Ганди". Это сочинение — взволнованный монолог советского художника о судьбе народа и судьбах мира - дар народу Индии. Уже в январе того же I985 г. сочинение было исполнено в Доме Союзов на заседании Общества советско-индийской дружбы, а затем - в индийском посольстве в Москве. "Непостижимо, – сказал, давая оценку этого произведения посол Индии Нурул Хасан, – на европейских инструментах играли русские музыканты, а звучала подлинная музыка Индии". В последующие годы это произведение было исполнено в Индии, ГДР, США, Италии, Сирии.

Одна из важных сфер сотрудничества в области искусства – кинематография. Туркменские зрители уже в 50–60-е годы познакомились со значительным количеством кинопродукции Индии. В 1957 году в кинотеатрах республики проводились фестивали и неделя кинофильмов Индии, в ходе которых туркменские зрители смогли ознакомиться с работами известных кинорежиссеров, знаменитых актеров.

Еще в 40 – 80-е годы в Туркменистане появилось много талантливых произведений киноискусства, получившие признание не только в нашей, но и в зарубежных странах. Это художественные фильмы «Дурсун» и «Далекая невеста» студии «Туркменфильм», которые были удостоены Государственных премий СССР. Музыкальная кинокомедия «Далекая невеста» с большим успехом шла на экранах 54 стран мира, а художественный фильм «Невестка», удостоенная Государственной премии СССР и отмеченная 9 дипломами и наградами международных фестивалей, был закуплен почти 90 странами мира.





Важную роль в интернационализации духовной жизни играли театральные спектакли, представленные в республике многими пьесами зарубежной классики и современной драматургии. Так, большим успехом пользовались поставленные в 50–80-е гг. на сцене Туркменского государственного академического театра драмы им. Молланепеса спектакли «Дочь Ганга» по роману Р. Тагора, «Белый лотос» по мотивам трилогии классика индийской литературы Шудрака, «Приключение Чанду», созданный по сюжетам индийских сказов и др.

В 50–70-е гг. также различные выставки Индии организовывались в Туркменистане. Так, в I957 г. в Государственном музее изобразительных искусств ТССР была развернута выставка художественных ремесел Индии. На выставках народно-прикладного искусства Индии, работавших на предприятиях и в организациях Ашхабада (1968 г., I97I г.), демонстрировалось около 400 экспонатов, с которыми ознакомились более 50 тыс. человек. Многочисленные записи в книгах отзывов свидетельствовали о том, что выставки эти значительно расширили знания посетителей об Индии.

Наглядным подтверждением того, что ставшие прочной традицией связи между советским и индийским народами выходят на качественно новые рубежи, стали советский и индийский фестивали, посвященные двум важнейшим датам XX века: 70-летию Великого Октября и 40-летию независимости Индии. Только в первые два дня фестиваля Индии в Туркменистане (сент., I987 г.) на стадионе «Колхозчи», где разворачивался индийский народный праздник, побывало около 40 тыс. человек. Многочисленную аудиторию собрали концерты индийских артистов, прошедшие в других городах республики. Видные деятели культуры ТССР принимали участие в проведении фестиваля СССР в Индии, показали индийскому народу все лучшее, что есть у нас в области культуры и искусства.

**(Продолжение следует).**



*Амангельды РАХМАНОВ,*
*Заведующий кафедрой Института международных отношений МИД Туркменистана,*
*Заслуженный дипломат Туркменистана,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посланник Советского Союза,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана,*
*кандидат философских и доктор исторических наук, профессор.*

# INDEPENDENCE — OUR PRIDE AND OUR HAPPINESS!

The "International Year of Peace and Trust" has become a year of happiness, prosperity, abundance, well-being, and social unity for the Turkmen people, turning into a joyful stage in the harmonious development of our country thanks to the consistent efforts of our Arkadagly Hero Serdar. Today, there is a spiritual uplift in our entire society on the eve of the worthy celebration of the $34^{th}$ anniversary of our sacred State Independence and the $30^{th}$ anniversary of our Permanent Neutrality.

Independence is our most precious treasure. In the autumn of 1991, our country gained its Independence. In just 34 years, Independent Turkmenistan has developed and transformed beyond recognition. The peace of our sky, the tranquility of our days and nights are the gifts of our sacred Independence and serve as proof of the full realization of the motto of our Hero Arkadag: "The State is for the people!"

Our country, whose initiatives are supported at the international level, promotes its peace-loving policy around the world. This year, we celebrate the 30th anniversary of our Permanent Neutrality. A significant event was the unanimous adoption of the resolution entitled "Permanent Neutrality of Turkmenistan" at the $61^{st}$ meeting of the $79^{th}$ session of the UN General Assembly.

Today, Turkmenistan actively engages with reputable international organizations, primarily the United Nations and its specialized agencies. Turkmenistan, promoting peaceful and humanitarian principles, occupies a worthy place in the international community. As an example, from August 5–8 of this year, the $3^{rd}$ UN Conference on Landlocked Developing Countries was successfully held in the "Awaza" National Tourism Zone. It served as an important international platform for discussing the multifaceted issues related to 32 landlocked developing countries.

Independence has fulfilled the dreams of our ancestors to establish a sovereign state, allowed us to restore our centuries-old national and spiritual values, as well as our ancient cherished humanitarian traditions.

> *Independence has given our country the opportunity to express its political views as a full-fledged member of international relations, and today its voice is heard from the highest tribunes of the world.*

The preparations for the regular session of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, which will be held in September of this year, on the occasion of the Independence Day, will serve as a high-level political event that will summarize the achievements, progress, success achieved, made, and the identification of priority tasks for the short and long-term future and ways to solve them.

Independence has given our country the opportunity to express its political views as a full-fledged member of international relations, and today its voice is heard from the highest tribunes of the world. Turkmenistan's international initiatives and concrete steps in the fields of energy, transport, and water diplomacy aimed at strengthening global peace and security and effectively implementing the Sustainable Development Goals — are widely supported by the international community.

Under the leadership of our Hero Arkadagly Serdar, our beloved Motherland confidently advances along the path of great transformations. Our united people glorify Independence Day with new achievements, laying the foundation for new progress for the happy future of generations.

We express our sincere gratitude to our Hero Arkadag and our esteemed President, who glorify the economic power and peaceful development of our Fatherland throughout the world, and wish them sound health and great success all their endeavor as well as prosperity to our Motherland!

**Aylar NEDIROVA,**
the $3^{rd}$ year student of the
Faculty of International Relations.

On September 11, 2025, a meeting took place between the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan in Georgia D.Seyitmammedov and rector of Sokhumi State University Tea Jugheli.

# Garaşsyzlygyň ak bagtynyň miweleri







*Mukaddes Garaşszylygymyzyň şanly 34 ýyllyk toýunyň öňüsyrasynda Diýarymyzda toýlar toýa ulaşýar. Türkmen — islendik toýa baranynda hem sowgatly barmagy halaýan millet. Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýakynda halkymyza sowgat edilen birnäçe durmuş-medeni maksatly binalar mukaddes Garaşszylygymyzyň bize eçilen ak bagtynyň miwelerdir.*

*8-nji sentýabrda* hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde ýerleşýän çüýşe önümlerini öndürýän önümhananyň açylyş dabarasy boldy. Kuwwatlylygy bir gije-gündizde 100 tonna çüýşe önümlerini öndürýän täze önümçilik desgasy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň nyşanydyr.

*9-njy sentýabrda* Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Öňaldy geňeşliginde täze, döwrebap Döwletli mekan obasynyň açylyş dabarasy boldy. 400 sany ýaşaýyş jaýyndan, geňeşligiň edara binasyndan, saglyk öýünden, 640 orunlyk orta mekdepden, 320 orunlyk çagalar bagyndan, söwda merkezinden ybarat bolan döwrebap oba Garaşszylyk ýyllarynda halkymyzyň hal-ýagdaýynyň yzygiderli gowulandyrylýandygyny alamatlandyrýar.

*11-nji sentýabrda* Köneürgenç etrabynyň Täze ýol geňeşliginde täze, döwrebap şäherçäniň hem-de awtomobil köprüleriniň açylyş dabarasy boldy we bu çäreler hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly senesiniň ähmiýetini has-da artdyrdy.

*12-nji sentýabrda* şanly Garaşszylygymyzyň 34 ýyllyk toýuna barylýan günlerde Serkerdebaşymyzyň gatnaşmagynda Sarahs serhet birikmesiniň täze, döwrebap binalar toplumy açylyp ulanmaga berildi.

*13-nji sentýabrda* paýtagtymyzda döwrebaplaşdyrylan «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň XV ýyllygy» seýilgähiniň açylyş dabarasy boldy. Bu seýilgähiň ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda ulanmaga berilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Dabara Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar.

*15-nji sentýabrda* ýurdumyzyň baş şäheriniň aýna ýaly tekiz we giň şaýollarydyr köçelerinde «Yutong ZK6128HG» kysymly ýolagçy awtobuslary ilata hyzmat edip başlady. Ol mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda watandaşlarymyza ajaýyp toý sowgady boldy.

*Taýýarlan Yhlas HALLYÝEW,*
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI, TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATANYŇ BAŞLYGY GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ «GARAŞSYZLYK — BAGTYMYZ» ATLY KITABYNDAN:

**Garaşsyz döwletli bolmak arzuwy ençeme asyrlap halkymyzyň ýüreginde ýaşady. Döwrümiziň bagtyýar nesilleri hasyl bolan arzuwlary berkidýän nesiller hökmünde uly jogapkärçiligi egne alýarlar, hut şonuň bilenem olar tükeniksiz mertebäniň, at-abraýyň eýeleridir.**

***

**Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan — bu döwlet biziň halkymyzyň agzybirlik, döwletlilik, özbaşdaklyk baradaky telim asyrlyk arzuw-maksatlaryndan bina bolandyr.**

***




**Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan — bu döwlet biziň ata-babalarymyzyň döwletlilik we döwletliligiň ýol-ýörelgesini üpjün etmek baradaky müňlerçe ýyllyk taryhy tejribesine daýanmak, şeýle-de häzirki zaman dünýäsiniň mümkinçiliklerini çuňňur seljermek, onuň iň kämil gazananlaryny kabul edip almak bilen berkidilýändir.**

***

**Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan — bu döwlet, hakykatdan-da, gülläp ösýän, adamzada ýagşylyk nuruny saçýan beýik döwletdir!**

***

**Häzirki taryhy pursatlarda Garaşsyzlygymyz, onuň gözbaşlary hem esaslary barada ýatlamak ýakymly. Dogrusy bu mukaddeslik barada hemişe pikir etmeli, oňa hemişe guwanmaly we ol hakyndaky päkize duýgy düşünjeleri hemişe aňyňda hem ýüregiňde göterip gezmeli.**

***

**Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap şu güne çenli ýurdumyzda örän düýpli meseleleriň nähili çözülendigini mahal-mahal gaýtadan aňymda aýlaýaryn, göz öňünde janlandyrýaryn. Bitirilen işleriň örän köpdügi, bitirilmeli işleriň hem ýene has köpdügi barada oýlanýaryn. Bagtymyzy gazanmak, berkitmek, Watanymyzy ösüşleriň ýoly bilen öňe äkitmek ugrunda amala aşyrylan we amala aşyrylýan işler il-halkymyzyň egsilmez gaýratynyň, joşgunly zähmetiniň netijesidir.**

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

On September 15, 2025, Ambassador of Turkmenistan to the Islamic Republic of Pakistan A. Movlamov met with the Secretary General of the International Parliamentarians Congress (IPC), Senator Ms. Sitara Ayaz.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
**Jumaberdi ARTYKOW**

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*

***Jogapkär kätip:*** *A.Kaşaňow.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *O.Çaryýarowa.*

***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*

***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, B.Baýhanow.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.*

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

**E-mail:**
hgi.redaksiya@gmail.com